# Bizden näderkä?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bizden näderkä? BIZDEN NÄDERKÄ?

*Olardan at galypdyr, biz pakyrdan näderkä?*
***Gurban Wehimi.***

Köp müň Aşyk ötdi, Magşugy bilen,
Nobat bize ýetdi, bizden näderkä?
Gül öwserdik, hasaby bar ertirleň,
Ýyllar, görki güler ýüzden näderkä?

Umytda – tamakin jahana gelen,
Her kime, özüçe döwür öwrülen,
Ahmyrda – azaby ýele sowrulan,
Bahalatsa, gören gözden näderkä?

Pelek aýlanyp dur, öz ugry bilen,
Ýaşaýyşa – «ömür», diýlip at berlen,
Durmuş bagly boljak tohum sepilen,
Çykyşynda, hasyl güýzden näderkä?
Nesibimdir, yşkyň bu muhabbeti,
Hoş ýakdy janyma lezzetli gaty,
Ejizlesem artar howpuň haýbaty,
Merdem durup, kowsam tizden näderkä?

Hiç doýmaz gözlerim görküňi görüp,
Dynaýmasaň meniň läşimi serip,
Dil açsaň diňlesem gulagym gerip,
Meger gansam süýji sözden näderkä?

Bar bolsa ol, ajal geler, bir güni,
Güzap berip, bogar ejir çekeni,
Wagt ýetip topraga garanda teni,
Tama göçer, gelin-gyzdan näderkä?

Bizden soň hem, geler ençe müň aşyk,

Dile düşüp, dabarasy dag aşyp,
Bagt ugruna tarap, açarlar işik,
Ahyrynda, galan yzdan näderkä?

Ilmämmet, haýransyňaňyňda bişmez,
Älemiň syrlary aňa ýerleşmez,
Ýer ýüzün sil alsa, bize geňeşmez,
Suw topuga barsa, dyzdan näderkä? Goşgular